## Sapak 14. Suwa çümdürilme

Bu Armen atly ýaş adam aladaly. Geçen ýyl ol öz durmuşyny Isa Mesihe ynandy we şondan bäri täze imanda ösýär. Ýaňy-ýakynda oňa bir imanly aýdypdyr: «Seniň tizräk suwa çümdürilmegi kabul etmegiň gerek». Ol Armenda köp soraglary döredipdir:




Geliň Armeniň her soragyna bu sapakda jogap bermäge çalyşalyň.

**«Suwa çümdürilme näme?»**

1. «Suwa çümdürilme» sözme-söz manyda suwa çümmegi aňladýar. Täze Ähtde biz Ýahýa Suwa Çümdürijiniň adamlary, şol sanda Isanyň Özüni hem Iordan derýasynda suwa çümdürendigini okaýarys. Biziň günlerimizde Mesihiň şägirtleri derýada ýa-da basseýnda, birnäçe sekuntlap suwa çümme arkaly suwa çümdürilmegi kabul edendirler. Beýleki usul – ol imanlynyň üstüne suw guýup ýa-da üstüne sependirler.

Bu wajyp däp-dessury biz birnäçe gezek däl-de, diňe durmuşda ýekeje gezek geçýäris. Ol däp-dessur nähili atlandyrylýar? ________________

**«Meniň näme üçin suwa çümdürilmegi kabul etmegim gerek?»**

2. Biz suwa çümdürilmegi kabul edýäris, sebäbi Reb Isa şeýle buýurdy. Ol aýtdy:

| |
|---|
| «Şonuň üçin gidiň-de, ähli milletleri şägirt ediň, olary Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň adyndan suwa çümdüriň» (Matta 28:19). |

Bu aýat wajypdyr. Haýyş edýäris, şu wagt ony ýatdan öwreniň.

3. Mesihiň buýrugyna tabyn bolup, resul Petrus Iýerusalimdaky uly märeke aýtdy: *«Toba ediň, her biriňiz Isa Mesihiň ady bilen suwa çümdüriliň»* (Resullaryň işleri 2:38). Şol gün üç müň adam toba etdi we suwa çümdürilmegi kabul etdi.

   Meniň suwa çümdürilmegi kabul etmegimiň, esasy sebäbi näme? *(Diňe bir jogaba bellik ediň.)*

   ___ a) sebäbi men ony etmegi isleýärin;
   ___ b) sebäbi meniň mesihi dostlarym meniň ony etmegimi isleýär;
   ___ ç) sebäbi Reb Isa ony etmegimi maňa buýurýar.

**«Suwa çümdürilme näme aňladýar?»**



Suwa çümdürilme aýratyn we wajyp manyny aňladýar. Täze Äht boýunça, suwa çümdürilme şulary görkezýär:

A. Men – Mesihde täze adam.
B. Meniň günälerim ýuwuldy.
Ç. Men Mesihiň ýygnagyna goşuldym.

Geliň bu ajaýyp hakykatlar barada has köpräk bileliň.

***A. Men – Mesihde täze adam***

4. Käbir adamlar suwa çümdürilme wagtynda suwa çümmäge gorkýarlar. Suwa çümdürilme wagtynda, suwa çümmäge gorkmaň, ol diňe birnäçe sekuntdyr we howply däldir. Suwa çümdürilme ol haçan-da biziň Mesihe öwürlenimizde bizde näme bolýandygynyň wajyp nyşanydyr. Biziň köne günäli tebigatymyz suwa çümýär, biz suwdan baş göterenimizde bolsa, Isada täze ýaşaýyşda ýaşap başlaýarys!

   Herekete laýyk gelýän manyny çyzyk bilen birleşdiriň:

| <u>Hereket</u> | <u>Many</u> |
|---|---|
| a. Suwa çümmek. | 1. Men – Mesihde täze adam. |
| b. Suwdan ýokary galmak. | 2. Meniň köne tebigatym öldi. |

5. Şeýlelikde, suwa çümdürilmegiň nyşany, ol meniň öňki ýaşaýyşym gutardy, we indi men – Mesihde täze adamdyryn. Hudaýyň Sözünde aýdylýar:

> «Hawa, biz suwa çümdüriliş arkaly Mesih bilen ölüp, jaýlandyk. Şoňa görä-de, Atanyň şöhratly gudraty arkaly Mesihiň ölümden direlişi ýaly, biz hem täze ýaşaýyşa eýe bolup bileris». (Rimliler 6:4)

   Suwa çümdürilmegi tassyklaýan birinji hakykaty ýazyň. *(Dogry jogabyň daşyny aýlaň.)*

   [Men – Mesihde täze adam / Men entegem köne günäli tebigatymda]

6. Köplenç suwa çümdürilmegi, Mesihdäki täze ýaşaýyşy nyşanlandyrýan ak eşikde kabul edilýär.

***Eger siz eýýäm suwa çümdürilmegi kabul eden bolsaňyz, haçan-da suwdan çykanyňyzda siz nähili duýgular başdan geçirdiňiz? Pikir alyşma wagtynda bu barada gepleşmäge taýýar boluň.***

7. Bahtiýar edil siz ýaly, öňki ykrar edýän diniňizden Mesihe tarap öwrüldi. Ine ol suwa çümdürilme wagtynda öz başdan geçirmesini şeýle ýazýar:

| |
|---|
| «Men köne günäli ýaşaýyşym üçin ölendigimi we özümi Hudaýa berendigimi, hem-de men – täze adam bolanymy duýdum. Men indi, meniň dostlarymyň tanaýany, şeýtanyň tanaýany şol Bahtiýar däl, men – bagyşlanan, ýokardan doglan, Mukaddes Ruh bilen ýaşaýan täze Bahtiýardyryn. Öňki Bahtiýar öldi, täzesi – bolsa Mesihde ýaşaýar. Men suwdan çykanymda, özümi täze adam ýaly duýdum!» |

Bahtiýar bu wakada näçe gezek «täze» sözüni ulandy? _______ Ol sözleriň aşagyny çyzyň.



8. Suwa çümdürilmede aýdylýan birinji hakykaty atlandyryň? Men – Mesihde ________ adam.

***B. Meniň günälerim ýuwuldy***

9. Resullaryň işleri 22:16 tekstde suwa çümdürilmä degişli bolan, ikinji hakykat barada aýdylýar: *«suwa çümdüril we günäleriňden saplan».*

   Bu aýat boýunça, suwa çümdürilme haýsy hakykaty mysal berýär? *(Bir jogaba bellik ediň.)*

   ___ a) men – Mesihde täze adam;

   ___ b) meniň günälerim ýuwuldy.

10. Öz şahsy tejribämizden, bölekleýin täret we hat-da doly täretiň hem biziň günälerimizi ýuwmaga ýetmeýändigini bilýändiris. Suw biziň diňe bedenimizi ýuwýar, ýöne biziň ýüregimizi we wyždanymyzy arassalap bilmeýär.

    Muňa garamazdan, suwa çümdürilme, Mesihiň biziň ýüregimizde geçirýän güýçli içki arassalamanyň daşky nyşanydyr. Ol haçda, munuň mümkin bolmagy üçin öldi. 1Ýohanna 1:7 okaň *(üns beriň, 1Ýohanna – ol Ýohannanyň Hoş habary däldir, Mukaddes Kitabyň başga kitabydyr. Ol kitaby «Mazmundan» tapyň).*

    1Ýohanna 1:7 tekst boýunça, bizi ähli günäden näme arassalaýar? ______________________

11. Resul Petrus, öz durmuşynda köp adamlary suwa çümdürdi, şeýle hem ol barada öz hatynda-da ýazdy (1Petrus 3:18-22). Bu bölek düşünmek üçin kyndyr. Ýöne ine onuň esasy manysy:
    - Biz gutulyşy Isanyň ölümi/ejiri arkaly alýarys (18 aýat) we Onuň direlişi arkaly (21 aýat).

➢ Suw ol biziň gutulyşymyz üçin nyşandyr (21 aýat), Nuh üçin bolşy ýaly (20 aýat).

Meniň günämiň ýuwulandygyny haýsy däp-dessur ýatladýar? *(Bir jogaba bellik ediň.)*

___ a) meniň suwa çümdürilmäm ___ b) meniň toýum ___ ç) meniň jaýlanmam

***Ç. Men Mesihiň ýynagyna goşuldym***

12. Suwa çümdürilmäni kabul etmek bilen, biz açyklykda bütindünýä imanlylar guramasyna goşulýarys. Biz, erkekler we aýallar aýry-aýry milletden bolan, bir bitewilikde birleşýäris: *«Biziň barymyz bir beden bolmak üçin, bir Mukaddes Ruhda çümdürildik»* (1Korintoslylar 12:13).



Suwa çümdürilme haýsy üçünji hakykaty görkezýär?

Men Mesihiň ____________________goşuldym.

13. Suwa çümdürilme diňe size däl-de – imanlylar guramasyna gatnaşýanlaryň ählisine degişlidir. Olar siziň suwa çümdürilmäňiziň şaýatlary bolup, gutaranda olar size şeýle sözler bilen ýüzlenip gutlarlar:

| |
|---|
| «Hudaýyň maşgalasyna Hoş geldiňiz! Biziň ählimiz – Mesihiň bedeniniň agzasy; biziň ählimiz – bir Gökdäki Atanyň çagalary; biziň ählimiz – Hudaýyň Patyşalygynyň mirasdüşerleridiris. Hoş geldiňiz!» |

***Bize nähili bagt, «Hudaýyň saýlanan halky» bizi gutlaýar!***
***Saklanyň we siziň Mesihdäki doganlaryňyz we uýalaryňyz üçin Hudaýa minnetdarlyk aýdyň.***

14. Suwa çümdürilme nähili üç hakykaty görkezýär? *(Goýberilenleri dolduryň.)*
    a. Men – Mesihde _______ adam.
    b. Meniň ________________ ýuwuldy.
    ç. Men Mesihiň ýynagyna ________________.

    Armen bu hakykatlary bilip begendi. Indi ol soraýar:

    ***«Meniň halas bolmagym üçin suwa çümdürilme zerurmy?»***

15. Bir tarapdan, suwa çümdürilme gutulyş üçin zerur şert däl, biz gutulyşy suw arkaly däl-de, Mesihe bolan imanymyz arkaly alýarys. Ýöne Mesih bize suwa çümdürilmegi buýurdy! Biziň bilşimiz ýaly, suwa çümdürilme Mesihe we Onuň ýynagyna degişlidigimiziň wajyp nyşanydyr. Şonuň üçin, wagty gelende siz suwa çümdürilmegi kabul etmelisiňiz.
    a. Haçan-da biz köp medeniýetde adamlaryň barmagynda nika ýüzügini görenimizde, ol nämäni görkezýär? ___________________________

b. Muňa garamazdan, nika ýüzügi maşgala durmuşy üçin örän zerurlyk däldir, ol adamyň kimdir-birine degişlidiginiň wajyp nyşanydyr. Kime? ______________________________

ç. Şeýle görnüşde, biziň suwa çümdürilmämiz – ol biziň bagyşlanmamyzyň, biziň kimdir-birine degişlidigimiziň wajyp nyşanydyr. Kime? ____________________________

16. Suwa çümdürilme arkaly biz, biziň Hojaýynymyz Isa Mesihe degişlidigimiziň abraýyna eýedigimizi görkezýäris. Biz şeýle hem bu barada Mesihdäki doganlarymyza we uýalarymyza aýdýandygymyza şatdyrys. Mümkin, sizden suwa çümdürilmeden öň öz şaýatlygyňyzy aýtmagyňyzy sorarlar.

Ol Isa Mesihiň siziň durmuşyňyzy üýtgedenligi barada gysgaça aýtmagy aňladýar.

Geliň ony şu wagt etmäge synanşalyň. Suwa çümdirilmeden öň öz şaýatlygyňyzy aýdýandygyňyzy gözegiňize getiriň. Haçan-da ýolbaşçy sizden soranynda: «Siziň durmuşyňyza Isa Mesih nähili üýtgeşmeler getirdi?», siz näme aýdarsyňyz?

*Öz jogabyňyzy ýazyň we pikir alyşmaga taýýar boluň. Eger isleseňiz, «2 sapagyň» 15-nji punktynda ýazanyňyza seredip bilersiňiz. Ony bu ýere has giň edip ýazyň.*

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

17. a. Siziň gutulyşyňyz üçin suwa çümdürilme bütinleý zerurmy?
[hawa / Ýok]

b. Suwa çümdürilme siziň Mesihe degişlidigiňiziň wajyp nyşanymy?
[hawa / Ýok]

Bu sapakda biz Armeniň suwa çümdürilme baradaky her hili soraglaryna jogap bermäge synanyşdyk. Indi biz onuň iň soňky soragyna ýetdik.



**«Men haçan suwa çümdürilmäni kabul etmeli?»**

18. Käbir mesihiler size suwa çümdürilmegi Mesihe iman edeniňden soň derrew kabul etmegiňi maslahat berýärler. Beýlekileri bolsa, birnäçe wagtlap, adamyň imany berkeýänçä şol wagta çenli garaşmak has gowy diýip hasaplaýarlar. Olaryň maslahatyny diňläň, ýöne şeýle hem Mukaddes Ruhy hem diňläň. Hudaýyň Özü sizi bu wajyp ädime gönükdirer. Haçan suwa çümdürilmäniň wagty gelende, siz ony öz ýüregiňizde duýarsyňyz.

Eger siz entek suwa çümdirilmegi kabul etmäge taýyn däl bolsaňyz, adamlaryň sizi gyssamagyna rugsat bermäň. Ýöne eger Hudaýyň size wagty gelendigini aýdýan bolsa, onda ony yza çekmäň.

Aşakdaky hereketleriň haýsy dogry? *(Iki jogaba bellik ediň.)*

___ a) siziň aladaňyzy edýän, akylly imanlylaryň maslahatyny diňlemeli;

___ b) suwa çümdürilmäniň netijesinden öň gorkup gaçmaly;

___ ç) suwa çümdürilmek wajyp däl diýip hasaplamaly;

___ d) suwa çümdürilmegi, haçan-da Hudaýyň ony etmelidigini aýdanyny duýanyňyzda kabul etmeli.

19. Akylly imanlylar siziň aladaňyzy ederler we suwa çümdürilme hakynda size gowy maslahat bererler. Siziň suwa çümdürilmä taýýarlygyňyzy ynanyp biljegiňiz birini tapyň.

Eger siz suwa çümdürilme hakynda size gowy maslahat berip biljek adamy tanaýan bolsaňyz, şu ýere bellik goýuň __. Eger siz şular ýaly adamy bilmeýän bolsaňyz, onda bu barada öz ýolbaşçyňyzdan soraň.

20. Biz öň, biz imanlylar üçin suwa çümdürilmäniň nämäni aňladýandygy barada pikirlenýärdik. Ýöne biziň imansyz garyndaşlarymyz üçin ol näme manyny aňladýarka? Olar üçin, siz olardan açyk aýrylýandygyňyzyň, hemde olara agyry we masgaraçylyk getirýändigiňiziň nyşanydyr.

Beýle ýagdaýda biz nädip suwa çümdürilmäni kabul etmeli? *(Bir jogaba bellik ediň.)*

___ a) gorky bilen, öz şahsy howpsuzlygyňdan rahatsyz bolup;

___ b) seresaplyk bilen, öz maşgalaňy söýmegiň üçin

21. Biziň imansyz garyndaşlarymyz bar bolsa, birnäçe derejede ätiýaçlyk edip başlasak, biz akyldarlyk görkezýäris. Siziň pikiriňizçe, siziň suwa çümdürilme täzeligiňiz siziň ene-ataňyza örän uly gynanç ýetirmez ýaly, nähili derejede ätiýaçlyk kabul etmek gerek? *(Öz pikiriňizi ýazyň we pikir alyşmaga taýýar boluň.)*

_______________________________________________

_______________________________________________

22. Imanlylaryň Mesihe entek ynanmadyk aýallary ýa-da ärleri üçin, siz näme maslahat bererdiňiz? Ol imanlynyň derrew suwa çümdürilmegi kabul etmegi gerekmi ýa-da has gowusy onuň äri ýa-da aýaly Mesihe iman edenden soňra, onuň şol ädimi öz äri/aýaly bilen etmäge, umyt edip garaşmagy gerekmi? *(Öz pikiriňizi ýazyň we pikir alyşmaga taýýar boluň.)*




## SAPAK 14. TEJRIBE ÝUMŞY

Eger siz entek suwa çümdürilmegi kabul etmedik bolsaňyz, bu sapagyň 19 punktyna kimiň adyny ýazan bolsaňyz, şonuň bilen gepleşiň. Onuň bilen, haçan we nädip suwa çümdürilmegi kabul etjegiňiz barada maslahatlaşyň. Şeýle hem dilegde Hudaýyň jogabyny haýyş ediň.

## SAPAK 14. GÖZDEN GEÇIRMEK

1. Siziň ýatdan öwrenmeli bolan aýadyňyzy ýazyň: «Şonuň üçin gidiň-de,

   ______________________________________________

   ______________________________________» (Matta __:__).

2. Biz suwa çümdürilmäniň üç zady nyşanlandyrýandygyny bildik. Olary aýdyň:

   a) men – ______________ täze ____________;

   b) meniň ________________ ________________;

   ç) men Mesihiň ____________________ goşuldym.

3. Suwa çümdürilmegi kabul etmek nähili wajyp? *(15-17 punktlary gaýtalaň we bir jogabyň daşyny aýlaň.)*

   Gutulyş üçin ol zerur - örän wajyp - wajyp däl

20. a) Makset b) Arman
ç) pikir alyşmak üçin
21. hormat goýmaly
22. pikir alyşmak üçin
23. d)
24. pikir alyşmak üçin
25. ýok
26. men a),b),ç) jogaplary
hödürleýärin

**SAPAK 12**

1. a), b) talyplaryň jogaby. Mümkin biz hemmämize Mesihiň beýleki okuwçulary agyry ýetirendir, ýöne mümkin, biz hem olary ýaralandyr
2. Doganlyk söýgüsi bilen söýüň.
3. a) nädogry
b) dogry
ç) dogry
4. aýady ýatdan öwreniň
5. Talyplaryň jogaby, pikir alyşmak üçin
6. a), ç)
7. b)
8. Pikir alyşmak üçin
9. a) ýok
b) hawa
ç) ýok
10. ýok
11. ýok
12. duýgularyň
13. Hudaýa
14. a) rahat
b) hawa
15. gepleşmekden
16. a) 1
b) Sebäbi 1-nji pikir onuň äri üçin anyk boluşy barada aýdylýar, 2-nji pikir bolsa ony tankytlaýar.
17. Pikir alyşmak üçin.
18. a) ýok b) ýok ç) ýok
19. Duýgularyň, gepleşmek
20. a) 3 b)3
21. Sorama, bagyşlamak
22. Ýetmiş gezek ýedi, sansyz sanama
23. Saklanyň we pikirleniň

**SAPAK 13**

1. Jogaby tapmak üçin aýatlary okaň.
2. Talyplaryň jogaby
3. Gorkmaň
4. Ýok
5. B
6. Ýusup
7. Gorkmaň
8. Pikir alyşmaga taýýar boluň.
9. Talyplaryň jogaby.
10. aýady ýatdan öwreniň
11. Hudaýa.
12. aýady ýatdan ýazyň
13. Pikir alyşmaga taýýar boluň.
14. b)
15. hormat bilen
16. ç)
17. Pikir alyşmak üçin
18. a) we b) – dogry jogaplar
19. ç)
20. ýok

**SAPAK 14**

1. Suwa çümdürilme
2. aýady ýatdan öwreniň
3. ç)
4. a) 2 b) 1
5. Men – Mesihe täze adam
6. Talyplaryň jogaby
7. 4

8. täze
9. b)
10. Mesihiň gany
11. a)
12. Ýygnagyna
13. Saklanyňda Hudaýa minnetdarlyk aýdyň
14. a) täze
    b) günälerim
    ç) goşuldym
15. a) onyň eýýäm nikada durandygyny
    b) öz äriniň ýa-da aýalyna
    ç) Mesihe
16. Toparda öz şaýatlygyňyzy aýtmaga taýýar boluň.
17.a) Ýok    b) Hawa
18. a) we d)
19. Eger size akylly maslahat berip biljek adamy tanaýan bolsaňyz, bellik goýuň
20. b)
21. Pikir alyşmak üçin
22. Pikir alyşmak üçin

## SAPAK 15

1. a)
2. ç)
3. d) Adamlary diňe, olaryň günä bolan isleginden Hudaý halas edip biler
4. hawa
5. Siziň: erbet pikirler, azgynlyk, ogurlyk, ganhorlyk, zynahorluk, açgözlük, ýamanlyk, hile, ahlaksyzlyk, görüplik, sögünç, tekepbirlik we akmaklyk sözleriň aşagyny çyzmagyňyz gerek.
6. Pikir alyşma wagtynda öz jogabyňyzy paýlaşmaga taýýar boluň.
7. Aýatda öz adyňyzy ulanyň
8. Ruh
9. a) ýok b) hawa ç) hawa
10. Ruh
11. Hudaýyň islegine eýeriň
12. b)
13. a) hawa b) hawa
14. Ýok
15. Siziň ol jogaplaryň hemmesine bellik etmegiňiz gerek
16. b), ç), e), f) üçin “hawa” [1Petrus 1:16, 1:22, 2:1 we 3:8 aýatlar boýunça]
    a),d),ä) üçin “Ýok” [Muny biri-biriňiz bilen alyşyň]
17. Pikir alyşmak üçin
18. b)
19. Pikir alyşmak üçin
20. ç)
21. aýady ýatdan öwreniň
22. ç)

## SAPAK 16

1. b)
2. a) nädogry b) dogry
3. ç)
4. a)
5. söýýäris, ilki Ol bizi söýdi
6. çörek, käse
7. Isa Mesih
8. a) çörek b) käseden
9. a)
10. bizi söýdi
11. a) söýüň b) söý
12. Söýgüniň